***Perzent terbiýesi, olaryň kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri hakyndaky aladalar asyrlar bäri türkmen halkynyň esasy üns merkezinde bolmagynda galýar. Şonuň üçin hem mekdebe çenli çagalar edaralarynda körpeleriň sazlaşykly ösüşini, mynasyp terbiýelenmegini gazanmaga degişli okuw-terbiýeçilik işleri barha kämilleşdirilýär. Bu ugurda ata-eneler bilen bilelikdäki işleriň ýola goýluşyny netijeli gazanmak hem möhüm bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, çagalar bakja-baglary bilen maşgalanyň arasyndaky işler meýilnamalaýyn ýerine ýetirilýär we guramaçylykly çemeleşilýär.***

Biz hem bu ugurdaky işleri usuly taýdan netijeli guramakda gazanan tejribelerimizi paýlaşmak maksady bilen, «Çagalar bagynda ata-eneler bilen bilelikdäki işleri döwrebaplaşdyrmagyň usullary» atly elektron görkezme serişdesini taýýarladyk.




Elektron gollanma hökmünde işlenilip düzülen prezentasiýada çagalar bakja-baglarynyň ata-eneler guramasy, toparlardaky ata-eneler üçin diwarlyklaryň maglumatlaşdyrylyşy, olara berilýän maslahatlar, bilelikde geçirilýän çäreleriň aýratynlyklary, degişli iş resminamalarynyň ýöredilişi, ata-enelere berilýän usuly goldawlaryň döwrebap usullary, aragatnaşygy saklamagyň häzirkizaman ýollary barada beýan edilýär. Degişli slaýdlary fotosuratlar bilen mazmunlaşdyryp, onda çaga psihologiýasyna degişli hünärmenleriň wideo

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

çykyşlaryny hem mysal hökmünde ýerleşdirdik. Geljekde bu gollanma ýaş kärdeşlerimiziň iş tejribesini artdyrmakda usuly gollanma bolar diýip umyt edýäris.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bagtyýar nesilleriň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny gazanmakda ata-eneler bilen bilelikde has netijeli işleri amala aşyrmak arkaly kämil şahsyýetleri kemala getirmäge ruhlanýarys. Mekdebe çenli bilim-terbiýeçlik işlerini üstünlikli amala aşyrmak, okuw-terbiýeçilik, guramaçylyk, usulyýet çärelerini döwrebaplaşdyrmak ugrunda ähli mümkinçilikleri we şertleri döredip berýän Milli Liderimize hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza ähli bilim işgärleriniň, ata-eneleriň we körpe nesilleriň alkyşlary egsilmezdir.

**Gülnahal SEÝILHANOWA,**
**Türkmengala etrabynyň iňlis dilini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 8-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены